# Iş maslahatynda gyşky möwsümde elektrik energiýasy bilen üpjün etmegiň meseleleri maslahatlaşyldy

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly nobatdaky iş maslahatyny geçirdi. Onuň dowamynda welaýatlaryň häkimleri ýaşaýyş jaýlarynyň we durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdiler.

Ozal berlen tabşyryklara laýyklykda, ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmeginiň, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmeginiň yzygiderli gözegçilikde saklanylýandygy bellenildi.

Gyşky möwsümde ilatyň elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün edilmeginiň zerur talap bolup durýandygy nygtaldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow welaýatlaryň häkimlerine bu meseleleri üns merkezinde saklamagy we gözegçilik edýän sebitlerinde energetika ulgamlarynyň durnukly işlemegi üçin zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz oba hojalygy pudagynda elektrik energiýasyna bolan talaplary göz öňünde tutup, oba hojalyk ekinleriniň ýazky ekişe taýýarlyk işlerini gözegçilikde saklamak boýunça degişli görkezmeleri berdi.

Все права защищены